# Jynsy gatnaşygyñ edebi.

Allah Tagalaga hamdu-sena, Pygamberimiz Muhammede salawat we salam bolsun.

Musulmanlaryñ bilmeli möhüm zatlarynyñ biri hem är-aýal gatnaşygydyr. Bu gatnaşygyñ içinde esasy oruny eýeläp duran zat jynsy gatnaşykdyr. Jemgyýetimiziñ içinde soralmaga çekinilýän mesele bolmak bilen bir hatarda, bu barada Kuran we Sünnet saýasynda maglumat berýän Türkmençe kitaplaryñ azlygy ýa-da düýbünden ýoklugy, bizi yslam ylymlaryndan mahrum edýän iñ uly sebäpdir. Jynsy gatnaşygyñ edebi barada taýynlanan bu makala, diñe Kuran we sahyh hadyslara we ygtybarly ähli-sünnet alymlarynyñ fetwalaryna ýüz tutulyp taýynlanandyr. Musulman doganlarymyza peýdaly bolmagyny, Allah Tagaladan umyt edýäris.

**1-Jynsy gatnaşykdan sogaba garaşmak:**

Är-aýal şehwetlerini (jynsy isleglerini) Allahyñ buýruşy ýaly halal ýoldan gidirip, namysyny goraýandyklary üçin sogap gazanjakdyrlar. Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem): **“Jima** (jynsy gatnaşyk) **etmegiñizde sadaka** (sogaby) **bardyr”** diýdi, sahabalar: **“Ýa Resulullah biri jynsy gatnaşyk edeni üçin sogap gazanýarmy?”** diýip, jynsy gatnaşykdan sogap gazanyp boljagyny geñ gördüler. Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) olara: **“Eger haram ýoldan şehwetini gidirse günä gazanmazmy? Näme pikir edýäñiz? Edil şonuñ ýaly halal ýoldan şehwedini gidirse sogap gazanar.”** diýdi. (*Ahmed 5/167, 168, Muslim 1006/53. Ebu Zer radiallahu anh'dan*)

**2-Jynsy gatnaşykdan öñ oýnaşmak müstehapdyr:**

Jabir (radiallahu anh) öýlenende Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) oña: **“Gyza öýlendiñmi ýa-da dula?”** diýip soraýar, ol bolsa dula öýlenenini aýdýar. Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) oña: **“Näme üçin gyz almadyñ! Gyzlaryñ agyz suwlary (has süýjüdir)”** diýýar. (*Buhari, 5080*) Alymlaryñ aýdyşy ýaly bu hadysda jynsy gatnaşykda zenanyñ diliniñ sorulyp, agyz suwunyñ emilmegine yşarat edilendir. (*Ymam Newewi, Fethul-Bari, 9/121*) Erkek kişi aýaly doly lezzet alyp kanagatlanýança jynsy gatnaşygy dowam etmelidir. Çünki bu olaryñ biri-birine bolan söýgüni, ysnyşygy has hem güýçlendirer.

**3-Jynsy gatnaşykda är-aýalyñ doly çykarynmaklary rugsatdyr:**

Är-aýalyñ arasynda owrat (örütülip, görkezilmeýän ýer) ýokdur. We är-aýal jynsy gatnaşykda doly ýalañaçlanmaklary rugsatdyr. Bu barada rowaýat edilen şu hadys sahyh däldir: **“Sizden biri aýalyna ýanaşanda uýat ýerini örtsün, doly çykarynmasyn.”** (*Nesai, Ymam Nesai ýokardaky rowaýat barada: münker hadys, diýendir*) Aýşa (radiallahu anha) enemiz: **“Junup bolanymyzda Resulullah (sallallahu aleýhi we sellem) bilen bir gapdan suwa düşerdik.”** diýip aýdýar. (*Ahmed 6/210, Buhari: 263, Nesai: 462. Aýşa radiallahu anha'dan*)

**4-Jynsy gatnaşygy bismilläh we doga bilen başlamak:**

Är-aýalyñ jynsy gatnaşykdan öñ hadysda aýdylan dogany okamaklary müstehapdyr. Ibn Abbas (radiallahu anh) rowaýat edýär: Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Aýaly bilen jynsy gatnaşyk etjek kişi: Bismilläh, Allahumme jennibniş-şeýtane, we jennibiş-şeýtane mä razaktenä”** (Terjimesi: Allahyñ ady bilen! Allahym bizi şeýtandan uzaklaşdyr we bize berjek çagañdan şeýtany uzaklaşdyr) **diýse, ol gatnaşykdan bolan çaga şeýtan ebedi zyýan berip bilmez.” (***Buhari: 5165, Muslim: 1434***)**

**5-Islän görnüşinde jynsy gatnaşyk etmekleri jaizdir.**

Jabir (radiallahu anh) rowaýat edýär: “Yahudiler Musulmanlara: Zenanyñ uýat ýerine arkadan ýanaşsañ, çaga çaşy bolýar” diýdiler. Soñra bu barada Allah Tagala şu aýaty indirdi: **“Zenanlaryñyz siziñ ekiniñizdir, ekiniñize islän**

**tarapañyzdan ýakynlaşyñ.”** *(Bakara, 2/223)* Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem): **“Aýalyñyzyñ uýat ýerine öñden we arkadan ýanaşyp bilersiñiz.”** diýdi. *(Tahawi, Şerhul-Meanil-Äsär 3/41 Senedi sahyhdyr. Hadysyñ asly Sahyhaýndadyr)* Är-aýal özleriniñ islän görnüşlerinde jynsy gatnaşyk etmekleri rugsatdyr.

**6-Her jynsy gatnaşygyñ arasynda täret almak:**

Jynsy gatnaşykdan soñra täzeden jima ediljek bolsa, täret almak müstehapdyr. Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Jynsy gatnaşyk edip, gaýtadan gatnaşyk etjek bolsañyz, täret alyñ.”** *(Ahmed 3/28, Muslim, 308/27, Ebu Said el-Hudri radiallahu anh'dan)*

**7-Arka tarapyna gatnaşyk etmek haramdyr:**

Ýokarda belleýişimiz ýaly. Zenanyñ uýat ýerine arka tarapdan we başgada islän görnüşlerinde ýanaşmak rugsatdyr. Emma arka tarapyna gatnaşyk etmek yslamda haramdyr. Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem): **“Allah haky aýtmakdan utanmaz, aýallaryñyza arkasyndan gatnaşyk etmäñ.”** diýendir. Başga hadysda **“Haýyzly aýaly bilen gatnaşyk eden ýa-da arkadan jima eden kişi we palça gidip onuñ diýenlerini tassyk eden kişi Muhammede (sallallahu aleýhi we sellem) ugradylany inkär edendir.”** *(Sahyh hadys)*

**8-Zenan haýyzly (aýbaşy) wagty gatnaşyk etmek haramdyr:**

Zenan haýyzly wagty jynsy gatnaşyk etmek Kuran we Sünnet bilen haramdyr. Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Haýyzly aýaly bilen gatnaşyk eden kişi ......Muhammede (sallallahu aleýhi we sellem) ugradylany inkär edendir.”** (Sahyh hadys) Emma haýyzly wagty uýat ýerine ýanaşmazdan, aýalyñ bilen söýüşmek we bedeniniñ başga ýerlerinden lezzetlenmek rugsatdyr.

**9-Aýal ýanaşmak isleýän adamsyna garşy çykmagy jaiz däldir:**

Ebu Hureyre (radiallahu anh) rowaýat edýär, Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“Adamsy aýalyny düşege çagyranda aýaly gelmese, daña çenli perişdeler oña lagnat ederler.”** *(Buhari, 5193, Muslim, 1436)*

**10-Uýat ýerler birleşse Gusul parz bolar:**

Döl suwy gelsede, gelmesede uýat ýerler birleşse, är-aýala gusul almak parz bolýar. Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy: **“....erkegiñ sünnet ýeri aýalyñ sünnet ýerine birleşse gusul almak parz bolar.”** *(Muslim: 349/88, Aýşa radiallahu anha'dan)*

**11-Är-aýal jynsy gatnaşyklaryny başgalaryna aytmagy jaiz däldir:**

Är-aýalyñ aralarynda bolan jynsy gatnaşygyny, gürleşen zatlaryny başga kişilere gürrüñ bermegi deýýuslyk, binamyslyk we haramdyr. Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem): **“Kyýamat güni Allahyñ gatynda ynsanlaryñ iñ şerlisi, aýalyna ýanaşandan soñra, onuñ syryny başgalaryna aýdan kişidir.”** diýendir. *(Muslim, 1437, Ebu Dawud, 4870)*

Ymam Newewi (rahimehullah) bu hadys barada: ***“Bu hadysda erkegiñ aýaly bilen jynsy gatnaşygynda eden, gürleşen zatlaryny başgalaryna aýtmagynyñ haramdygy bildirilendir.”*** (Şerhu Sahih-Müslim, 3/610)

**12-Azil etmek (daşyna dökmek) mekruhdyr:**

Käbir degerli sebäplere görä azil etmek rugsatdyr. Mysal üçin zenanyñ saglygy sebäpli ýa-da iki ýylda bir çaga etmek üçin nobatlamak. Emma hiç hili degerli sebäp bolmazdan ýa-da eklenji alada edip dowamly azil etmek mekruhdyr. Çünki öýlenmekden, maşgala gurmakdan asyl maksat nesiliñ köpelmegidir. Şonuñ üçin Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) sahyh hadysynda musulmanlara dogurgan zenanlara öýlenmegi nesihat edendir. Pygamberimizden (sallallahu aleýhi we sellem) azil etmek barada soralanda ol: **“Bu gyz çagany gizlinlikde diri ýere gömen ýalydyr.”** *(Muslim, 1442, Ebu Dawud, 3882, Tirmizi, 2077, Nesai, 6/106, Ibn Mäje, 2011)*

Jabir (radiallahu anh) rowaýat edýär: Bir adam Pygamberimiziñ (sallallahu aleýhi we sellem) ýanyna gelip: **“Meniñ gyrnagym bar, onuñ bilen jynsy gatnaşyk edemde azil edýärin (bu bolýarmy)?”** diýip, sorady. Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) oña: **“seniñ beýle etmegiñ Allahyñ takdyryna päsgel bolup bilmez. Isleseñ azil et, islemeseñ etme! Takdyr näme bolsa, şol bolar.”** diýdi. Bir näçe wagtdan soñ, ol adam ýene geldi we: **“Gyrnagym göwreli boldy.”** diýdi. Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) oña: **“Men saña takdyr näme bolsa, şol bolar diýipdim.”** diýdi. *(Buhari: 5208, Muslim: 1440)*

Allah Tagalaga hamdu-sena, Pygamberimiz Muhammede salawat we salam bolsun.

www.ahlusunnet.com